# Abdyrahman gazy

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Abdyrahman gazy

ABDYRAHMAN GAZY

Osmanly döwletiniñ gurulmagyna oñyn hyzmatlary bitiren serkerde, fethi dillere dessan bolan Aýdos galasynyñ fatyhy. Dogulan wagty we ýeri belli däl. Osmany gazy we Orhan Gazynyñ belli serkerdesi we harby arkadaşydy. Abdyrahman gazy we beýleki müjahid gazylar, soñluk bilen üç yklyma we ýedi ýurda höküm eden Osmanly Döwletiniñ gurulmagynda esasy roly ýerine ýetiripdirler. Akja Goja, Samşa Çawuş we Goñur Alp, Akýazy, Iznik we Izmit bilen (basyp almakda başagaý) meşgul bolýan wagtlary Abdyrahman gazy Stambul tarapdaky ýerlere çozuşlar etdi. Bursa basylyp alynýança, Wizantiýa serhetlerinde uç begi (serhetýaka serkerde) bolup ençeme hyzmatlary bitirdi.
Taryhda altyn harplar bilen ady geçen birnäçe gala fethine we meýdan jeñlerine gatnaşan Abdyrahman gazy, 1329-njy ýylda dünýeden ötdi. Mazary Eskişäheriñ ýakynynda öz ady bilen meşhur bolan obada bolandygy rowaýat edilýär.

Tolga USLUBAŞ. ''GEÇMİŞTEN GÜNÜMÜZE OSMANLI TARİHİ''. Stambul 2016.

Terjime eden: Çarymuhammet SUGTYÝEW.

Taryhy şahslar